# Aşgabatda migrasiýa boýunça halkara maslahat geçirildi

2025-nji ýylyň 12-nji iýunynda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Parahatçylyk, durnukly ösüş we migrasiýa» atly halkara maslahat geçirildi. Oňa Merkezi Aziýa ýurtlarynyň bäşisinden migrasiýa boýunça iş alyp barýan döwlet düzümleriniň, şeýle-de bu babatda sebitde öňdebaryjy tejribelere eýe bolan Russiýadan, Azerbaýjandan, Eýrandan, Türkiýeden wekiller gatnaşdylar.



Halkara maslahatda migrasiýa meselesine çemeleşmede, migrantlaryň hukuklaryny goramakda, ekologik durnuklylygy üpjün etmekde parahatçylyk we özara hormat goýmak ýörelgelerini iş ýüzünde durmuşa geçirmek ýaly möhüm ugurda pikir alyşmalara giň orun berlip, sebit döwletlerinde toplanan tejribeleriň netijelerine garaldy, geljegiň nukdaýnazaryndan ýerine ýetirilmeli anyk çäreler hakynda söhbet edildi.

«Parahatçylyk, durnukly ösüş we migrasiýa» atly halkara maslahatda aýry-aýry mowzuklara bagyşlanan çykyşlary diňlemek bilen birlikde, migrasiýa işine degişli has inçe meseleler hakynda içgin pikir alyşmaga hem mümkinçilik döredildi. Bu bolsa foruma bilermen hökmünde çagyrylan myhmanlaryň wekilçilik edýän ýurtlarynda şahsyýeti kesgitlemekden başlap, resminamalary taýýarlamak, sebitde raýatsyzlygyň soňuna çykmak babatda edilýän tagallalar, kanuny we kanuny däl migrasiýa, ekologik ýagdaýlaryň bu ynsanperwer ulgama ýetirýän täsiri, elektron wiza ulgamyny ornaşdyrmak ýaly meseleleriň örän giň toplumy boýunça amala aşyrylýan işlere syn bermäge, bilelikde hereket etmegiň anyk ýollaryny kesgitlemäge ýardam berdi.

Все права защищены

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены